# IKI GEZEK SALGYT SALMAGYŇ ÖŇÜNI ALMAK HEM-DE GIRDEJILER ÜÇIN WE MAÝA ÜÇIN SALGYTLARY TÖLEMEKDEN BOÝUN TOWLAMAGYŇ ÖŇÜNI ALMAK HAKYNDA

# TÜRKMENISTAN

# BILEN

# TÄJIGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ

# ARASYNDA

# KONWENSIÝA

**TÜRKMENISTAN**
**WE**
**TÄJIGISTAN RESPUBLIKASY**

**mundan beýläk – Şertleşýän Döwletler diýlip atlandyrylýar,**

**girdejiler üçin we maýa üçin salgytlar iki gezek salgyt salmagyň öňüni almak hakynda Konwensiýa baglaşmak isläp, hem-de iki ýurduň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek meýli bilen şular barada şertleşdi:**

## *1-nji bölüm*
## *Konwensiýany ulanmagyň çygry*

### 1-nji madda
### KONWENSIÝA ÖZI BARADA ULANYLÝAN TARAPLAR

Şu Konwensiýa Şertleşýän Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň-de dahyllylary bolup durýan Taraplar barada ulanylýar.

### 2-nji madda
### KONWENSIÝA DEGIŞLI BOLAN SALGYTLAR

1. Şu Konwensiýa salgytlary almagyň usulyna garamazdan, Şertleşýän Döwletiň ýa-da onuň syýasy-edara ediş birlikleriniň, ýa ýerli häkimiýet edaralarynyň adyndan alynýan girdeji üçin we maýa üçin salgytlar barada ulanylýar.

2. Girdejiniň umumy möçberinden, maýanyň umumy möçberinden ýa-da girdejiniň ýa maýanyň aýry-aýry parçalaryndan alynýan ähli salgytlar, şol sanda gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan girdejilerden salgytlar, kärhanalaryň töleýän iş hakynyň ýa-da hak-heşdeginiň umumy möçberinden alynýan salgytlar, şeýle hem maýanyň sap ösüşinden alynýan girdejilerden alynýan salgytlar girdeji üçin we maýa üçin salgytlar hasaplanylýar.

3. Hususan-da, şular, Konwensiýa özüne degişli bolan salgytlardyr:

a) Türkmenistanda:

(i) edara görnüşindäki taraplaryň peýdasy (girdejisi) üçin salgyt;

(ii) şahsy adamlaryň girdejileri üçin salgyt;

(iii) emläk üçin salgyt;

(mundan beýläk Türkmenistanyň salgytlary diýlip atlandyrylýar);

b) Täjigistan Respublikasynda:

(i) şahsy adamlardan girdeji salgydy (şahsy adamlaryň girdejisinden salgyt);

(ii) edara görnüşindäki taraplaryň peýdasy üçin salgyt;

(iii) gozgalmaýan emläk üçin salgyt;

(mundan beýläk – Täjigistanyň salgytlary diýlip atlandyrylýar).

4. Konwensiýa şeýle hem bar bolan salgytlara goşmaça ýa-da olaryň ýerine şu Konwensiýa gol çekilen seneden soň alynjak ähli şunuň ýaly ýa barabar salgytlar barada ulanylar. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary özleriniň degişli salgyt kanunçylygyna girizilen düýpli üýtgetmeler hakynda birek-birege habar berer.

## *2-nji bölüm*
## *Kesgitlemeler*

### 3-nji madda
### UMUMY KESGITLEMELER

1. Şu Konwensiýanyň ýazgysyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, onuň maksatlary üçin:

a) «Tarap» adalgasy şahsy adamy, kompaniýany we taraplaryň islendik başga bir birleşigini öz içine alýar;

b) «Kompaniýa» adalgasy salgyt salmak maksatlary üçin korporatiw birleşme hökmünde garalýan islendik korporatiw birleşmäni ýa-da başga bir islendik birleşigi aňladýar;

ç) «Kärhana» adalgasy işiň islendik görnüşiniň amala aşyrylmagy barada ulanylýar;

d) «Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasy» we «beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasy» aňlatmasy degişlilikde bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany hem-de beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany aňladýar;

e) «halkara gatnatmasy» adalgasy hakyky ýolbaşçy edarasy bir Şertleşýän Döwletde ýerleşýän kärhana tarapyndan işledilýän deňiz, howa, demir ýol ýa-da awtomobil ulag serişdeleri arkaly amala aşyrylýan islendik gatnatmany aňladýar, şeýle gatnatmanyň diňe beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşen nokatlaryň arasynda amala aşyrylýan halatlary muňa girmeýär;

ä) «ygtyýarly edara» adalgasy:

(i) Türkmenistanda Ykdysadyýet we maliýe ministrligini hem-de Baş döwlet salgyt gullugyny ýa-da olaryň ygtyýarly wekilini;

(ii) Täjigistan Respublikasynda – Maliýe ministrligini ýa-da onuň ygtyýarly wekilini aňladýar;

f) «milli tarap» adalgasy:

(i) Şertleşýän Döwletiň raýatlygyna eýe bolan islendik şahsy adamy;

(ii) şeýle statusy Şertleşýän Döwletiň hereket edýän kanunçylygy esasynda alan islendik edara görnüşindäki tarapy ýa-da assosiasiýany aňladýar;

g) «iş» adalgasy hünär hyzmatlarynyň edilmegini we garaşsyz häsiýetli beýleki işi öz içine alýar;

(i) «Türkmenistan» adalgasy Türkmenistanyň çäklerini, şol sanda şol sebitleriň tebigy serişdelerini barlamak we peýdalanmak maksady bilen, öz milli kanunçylygyna we halkara hukugyna laýyklykda Türkmenistan tarapyndan öz özygtyýarly hukuklary we hukuk ygtyýarlylygy amala aşyrylýan geografik sebitleri (guryýer, suw we howa) aňladýar;

h) «Täjigistan» adalgasy Täjigistan Respublikasyny hem-de geografik manyda peýdalanan mahaly Täjigistan Respublikasy özygtyýarly hukuklary we hukuk ygtyýarlygyny, şol sanda ýerasty baýlyklary we tebigy serişdeleri peýdalanmak boýunça hukuklary halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda amala aşyryp bilýän we Täjigistan Respublikasynyň kanunçylygy hereket edýän onuň ýerlerini, içerki suwlaryny, olaryň üstündäki howa giňişligini aňladýar.

2. Eger Konwensiýanyň ýazgysyndan başgaça gelip çykmaýan bolsa, islendik wagtda Şertleşýän Döwletler şu Konwensiýany ulanan mahaly Konwensiýada kesgitlenilmedik islendik adalga oňa şol pursatda şol Döwletiň kanunçylygynda Konwensiýa özlerine degişli bolan salgytlar babatda berýän islendik manysyna eýe bolar, degişli salgyt kanunçylygy babatda islendik many şol Döwletiň beýleki kanunçylygy babatdaky manyda agdyklyk eder.

## 4-nji madda
## DAHYLLYSY

1. Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin «bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy» diýen adalga şol Döwletiň kanunçylygy boýunça onda ýaşaýan ýeri, hemişelik bolýan ýeri, ýolbaşçy edarasynyň ýerleşýän

ýeri ýa-da başga bir barabar görkeziji esasynda şol Döwletde salgyt salmaga degişli tarapy aňladýar, şeýle hem şol Döwleti we islendik syýasy-edara ediş birligini, ýa-da ýerli häkimiýet edaralaryny aňladýar. Emma bu adalga şol Döwletde diňe şol Döwletdäki çeşmelerden alynýan girdejiler babatda ýa-da onda ýerleşýän maýa babatda salgyt salynmaga degişli tarapy öz içine almaýar.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda şahsy adam Şertleşýän Döwletleriň ikisiniň-de dahyllysy bolan halatda onuň statusy şu görnüşde kesgitlenilýär:

a) ol diňe hemişelik ýaşaýyş ýeri bolan Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar, eger onuň Döwletleriň ikisinde hem hemişelik ýaşaýyş ýeri bar bolsa, ol diňe has ysnyşykly şahsy we ykdysady gatnaşyklary (ýaşaýyş bähbitleriniň merkezi) bolan Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

b) eger onuň ýaşaýyş bäbitleriniň merkezi bar bolan Döwlet kesgitlenilip bilinmese ýa-da onuň Döwletleriň hiç birinde hemişelik ýaşaýyş ýeri bolmasa, ol adatça bolýan ýeri bolan Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

ç) eger ol adatça Döwletleriň ikisinde hem ýşaýan bolsa ýa-da ol adatça olaryň hiç birinde ýaşamaýan bolsa, ol diňe haýsy Döwletiň milli tarapy bolsa, şonuň dahyllysy hasaplanylýar;

d) eger ol iki Döwletiň-de milli tarapy bolsa ýa-da olaryň hiç biriniň milli tarapy bolmasa, onda Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary bu meseläni özara ylalaşmak boýunça çözýär.

3. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda şahsy adam däl tarap Şertleşýän Döwletleriň ikisiniň-de dahyllysy bolsa, onda ol Döwletleriň haýsynda hakyky ýolbaşçy edarasy bolsa, şol Döwletde dahylly hasaplanylýar.

## 5-nji madda
## HEMIŞELIK WEKILÇILIK

1. Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin «hemişelik wekilçilik» adalgasy kärhananyň telekeçilik işi üsti bilen doly ýa kem-käs amala aşyrylýan hemişelik iş ýerini aňladýar.

2. «Hemişelik wekilçilik» adalgasy, hususan-da, şulary öz içine alýar:

a) dolandyryş ýerini;

b) şahamçany, bölümi;

ç) ofisi;

d) fabrigi;

e) ussahanany hem-de

ä) şahtany, nebit ýa-da gaz guýusyny, kapýeri, ýa başga bir islendik desgany, abzaly, ýa-da tebigy serişdeleri gözlemek, çykarmak we işläp geçmek bilen bagly başga bir islendik ýeri.

3. «Hemişelik wekilçilik» adalgasy şulary hem öz içine alýar:

a) gurluşyk meýdançasyny, gurluşyk, gurnama ýa-da gurnaýyş desgasyny, ýa olar bilen bagly gözegçilik işini, ýöne diňe şeýle meýdança, desga ýa iş bilen bagly işleriň dowamy alty aýdan uzak bolan halatda;

b) gullukçylaryň ýa-da kärhana tarapyndan şu maksat üçin hakyna tutulýan beýleki işgärleriň kömegi bilen kärhana hyzmatlary, şol sanda geňeşdarlyk hyzmatlaryny etmegi, ýöne diňe şeýle kysymly iş (şol bir ýa-da utgaşykly taslamanyň çäklerinde) Şertleşýän Döwletler islendik on iki aýlyk möhletiň içinde jemi 90 günden uzak döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda amala aşyrylan halatda.

4. Şu maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, «hemişelik wekilçilik» adalgasy şulary öz içine almýar:

a) desgalaryň kärhana degişli harytlary ýa-da önümleri diňe saklamak ýa-da görkezmek, ýa getirmek maksatlary üçin peýdalanmagyny;

b) kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlarynyň diňe saklamak, görkezmek ýa-da ibermek maksatlary üçin saklanylmagyny;

ç) kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlarynyň diňe başga bir kärhana tarapyndan gaýtadan işlemek üçin saklanylmagyny;

d) hemişelik iş ýeriniň diňe harytlary ýa önümleri satyn almak, ýa-da kärhana üçin maglumatlary toplamak maksady bilen saklanylmagyny;

e) hemişelik iş ýeriniň diňe kärhana üçin taýýarlyk ýa-da kömekçi häsiýetli başga bir islendik işi amala aşyrmak maksady bilen saklanylmagyny;

ä) hemişelik iş ýeriniň şeýle utgaşdyrmak netijesinde ýüze çykýan jemi işi taýýarlyk ýa-da kömekçi häsiýetli bolan şertde,

hemişelik iş ýeriniň diňe (a) – (e) kiçi bölümlerinde sanalyp geçilen işiň görnüşleriniň islendik utgaşdyrmasyny amala aşyrmak üçin saklanylmagyny.

5. Şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünlerine garamazdan, eger özi barada şu maddanyň 6-njy bölümi ulanylýan garaşsyz statusly agentden başga bir tarap kärhananyň adyndan hereket edýän bolsa we adatça Şertleşýän Döwletde kärhananyň adyndan şertnamalary baglaşmaga ygtyýarlylyklary bar bolsa we şol ygtyýarlylyklaryny peýdalanýan bolsa, onda şeýle kärhana şol tarapyň kärhana üçin amala aşyrylýan islendik işi babatda şol Döwletde hemişelik wekilçiligi bolan kärhana hökmünde garalýar, şol tarapyň işi 4-nji bölümde görkezilen iş bilen çäklenýän hem-de hemişelik iş ýeriniň üsti bilen amala aşyrylsa-da, şol hemişelik iş ýerini şu bölümiň düzgünlerine laýyklykda hemişelik wekilçilige öwürmeýän halaty muňa girmeýär.

6. Eger kärhana şol Döwletde telekeçilik işini bu taraplar öz adaty işiniň çäklerinde hereket edýän şertde brokeriň, komissioneriň ýa-da garaşsyz statusly başga bir islendik agentiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, oňa Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçiligi bar kärhana hökmünde garalmaýar.

7. Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýanyň beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa gözegçilik edýändigi ýa-da oňa şol kompaniýa tarapyndan gözegçilik edilýändigi, ýa-da şol beýleki döwletde telekeçilik işini ýa hemişelik wekilçiligiň üsti bilen, ýa-da haýsydyr başga görnüşde amala aşyrýan bolsa, diňe munuň özi şol kompaniýalaryň birini beýleki kompaniýanyň hemişelik wekilçiligine öwürmeýär.

### *3-nji bölüm*
### *Girdejä salgyt salynmagy*

### 6-njy madda
### GOZGALMAÝAN EMLÄKDEN GIRDEJILER

1. Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň beýleki Şertleşýän Döwletdäki gozgalmaýan emläkden alýan girdejilerine, şol sanda oba we tokaý hojalygyndan girdejilerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. «Gozgalmaýan emläk» adalgasy garalýan emläk haýsy Şertleşýän Döwletde bolsa, şol Döwletiň kanunçylygy boýunça oňa berilýän mana eýedir. Bu adalga islendik halatda gozgalmaýan emläk babatdaky kömekçi emlägi, oba we tokaý hojalygynda peýdalanylýan mallary we enjamlary, ýer eýeçiligi babatdaky umumy hukugyň düzgünleri özi barada ulanylýan hukuklary, gozgalmaýan emlägiň uzufruktyny hem-de işläp geçmek üçin öwezini dolmak hökmünde tölenilýän üýtgeýän ýa kesgitli tölegler üçin hukuklary ýa-da mineral serişdeleri, çeşmeleri we beýleki gazylyp alynýan tebigy baýlyklary işläp geçmek üçin hukuklary öz içine alýar. Deňiz, howa, demir ýol we awtomobil ulag serişdelerine gozgalmaýan emläk hökmünde garalmaýar.

3. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri gozgalmaýan emlägi göni peýdalanmakdan, kärendä bermekden ýa-da başga bir islendik görnüşde peýdalanmakdan alynýan girdejiler barada hem ulanylýar.

4. Şu maddanyň 1-nji we 3-nji bölümleriniň düzgünleri kärhananyň gozgalmaýan emläginden girdejiler barada hem ulanylýar.

**7-nji madda**

**TELEKEÇILIK IŞINDEN ALYNÝAN PEÝDA**

1. Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň peýdasyna diňe şol Döwletde salgyt salynýar, şeýle kärhananyň beýleki Şertleşýän Döwletde şol ýerde ýerleşen hemişelik wekilçilik arkaly telekeçilik işi bilen meşgullanýan halaty muňa girmeýär. Eger kärhana telekeçilik işini şeýle usulda amala aşyrýan bolsa, onda onuň peýdasyna beýleki Döwletde, ýöne diňe onuň şol hemişelik wekilçilige degişli bölegi babatda salgyt salnyp bilner.

2. Şu maddanyň 3-nji bölüminiň düzgünlerini nazara almak bilen, Şertleşýän Döwletiň kärhanasy beýleki Şertleşýän Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen amala aşyrýan halatda her bir Şertleşýän Döwletde şol hemişelik wekilçiligiň hut şonuň ýa-da barabar şertlerde hut şeýle ýa barabar iş bilen meşgullanýan aýrybaşgalanan we aýratyn kärhana bolan hem-de hemişelik wekilçilik bolup durýan kärhanadan doly garaşsyz hereket eden mahaly alyp biljek peýdasy her bir Şertleşýän Döwletde şol hemişelik wekilçilige degişlidir.

3. Hemişelik wekilçiligiň peýdasynyň möçberi kesgitlenilen mahaly şeýle hemişelik wekilçiligiň maksatlary üçin çekilen çykdajylaryň, şol sanda hemişelik wekilçilik ýerleşýän Döwletde ýa onuň çäklerinden daşarda çekilendigine garamazdan, dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylarynyň kemilmegine ýol berilýär.

4. Eger Şertleşýän Döwletde hemişelik wekilçilige degişli peýdanyň möçberini kärhananyň peýdasynyň umumy möçberini dürli birlikleri boýunça barabar paýlamak esasynda kesgitlemek adaty tejribe bolsa, 2-nji bölümde hiç bir zat Şertleşýän Döwlete salgyt salynýan peýdanyň möçberini adatça edilişi ýaly, şeýle paýlamak arkaly kesgitlemegi gadagan etmeýär; paýlamagyň seçilip alnan usuly şu maddada beýan edilen degişli ýörelgeleriň netijelerini bermeli.

5. Hiç bir peýda diňe belli bir hemişelik wekilçiligiň harytlary ýa-da önümleri kärhana üçin satyn almagy esasynda hemişelik wekilçilige degişli edilmeýär.

6. Ýokardaky bölümleriň maksatlary üçin, hemişelik wekilçilige degişli peýdanyň möçberi her ýyl şol bir usul arkaly kesgitlenilýär, ony üýtgetmek üçin saldamly we ýerlikli sebäbiň bar mahaly muňa girmeýär.

7. Peýda şu Konwensiýanyň beýleki maddalarynda aýratynlykda gürrüňi edilýän girdejileriň görnüşlerini öz içine alan halatda şu maddanyň düzgünleri şol maddalaryň düzgünlerine täsir etmeýär.

## 8-nji madda
## HALKARA GATNATMASY

1. Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň deňiz we howa gämilerini, demir ýol ýa-da awtomobil ulag serişdelerini halkara gatnatmalarynda işletmekden alýan peýdasyna diňe kärhananyň hakyky ýolbaşçy edarasy haýsy Şertleşýän Döwletde ýerleşýän bolsa, şol döwletde salgyt salynýar.

2. Eger deňiz gämiçilik kompaniýasynyň hakyky ýolbaşçy edarasy deňiz gämisiniň bortunda ýerleşen bolsa, onda ol deňiz gämisiniň ýazylan menzili haýsy Şertleşýän Döwletde bolsa, şol Döwletde ýerleşýär, şeýle menzil ýok mahaly ol deňiz gämisiniň eýesi haýsy Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolsa, şol Döwletde ýerleşýär diýlip hasap edilýär.

3. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri pula, bilelikdäki kärhana ýa-da ulag serişdelerini işletmek boýunça halkara guramasyna gatnaşmakdan alynýan peýda barada hem ulanylýar.

4. Şu maddanyň maksatlary üçin, Şertleşýän Döwletleriň biriniň kärhanasynyň deňiz we howa gämilerini, demir ýol ýa-da awtomobil ulag serişdelerini halkara gatnatmalarynda işletmekden alýan peýdasy konteýnerleri, şol sanda treýlerleri we konteýnerleri daşamak üçin beýleki enjamlary peýdalanmakdan, saklamakdan ýa-da kärendesine bermekden alnan peýdany öz içine alar, şu düzgün şeýle peýda şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri özüne degişli bolan peýda babatda kömekçi peýda bolan halatda ulanylýar.

## 9-njy madda
## ASSOSIIRLENEN KÄRHANALAR

1. a) Şertleşýän Döwletiň kärhanasy beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa gytaklaýyn gatnaşýan halatda, ýa-da

b) şol bir adamlar bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasyny we beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa gytaklaýyn gatnaşýan halatda,

hem-de iki kärhananyň arasynda olaryň täjirçilik we maliýe gatnaşyklarynda iki garaşsyz kärhananyň arasynda boljakdan tapawutlanýan şertler döredilen ýa-da ýola goýlan her bir halatda şol kärhanalaryň birine hasaplanyp bilnen, ýöne şol şertleriň bolmagy sebäpli hasaplanylmadyk islendik peýda şol kärhananyň peýdasyna goşulyp we degişlilikde salgyt salnyp bilner.

2. Bir Şertleşýän Döwlet beýleki Şertleşýän Döwletiň kärhanasy babatda şol beýleki döwletde salgyt salnan peýdasyny we şol Döwletiň kärhanasynyň peýdasyna goşan we degişlilikde oňa salgyt salan hem-de şeýlelikde goşulan peýda iki Döwletiň arasyndaky gatnagyklar garaşsyz kärhanalaryň arasyndaky ýaly bolan halatda ilkinji görkezilen Döwletiň kärhanasyna hasaplanylan peýda bolan halatda şol beýleki Döwlet özünde şeýle peýda üçin hasaplanan salgydyň möçberine degişli takyklama girizer. Şeýle takyklama kesgitlenen mahaly şu Konwensiýanyň beýleki düzgünleri geregiçe

hasaba alynmalydyr, Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary bolsa zerur mahaly birek-birek bilen pikir alyşmalydyr.

## 10-njy madda
## DIWIDENDLER

1. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenilýän diwidendlere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp biler.

2. Emma şeýle diwidendlere olary töleýän kompaniýa öz dahyllysy bolan Şertleşýän Döwletde şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda hem salgytlar salnyp bilner, ýöne alyjy diwidendleriň hakyky eýesi bolsa, onda şeýle görnüşde alynýan salgyt diwidendleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden köp bolmaly däl.

Şu bölüm dewidendleri tölemegiň çeşmesi bolan peýda babatda kompaniýa salgyt salynmagyna degişli däldir.

3. «Dewidendler» adalgasy şu maddada peýdalanylan mahaly paýnamalardan, «žuisans» paýnamalaryndan ýa-da «žuisans» hukuklaryndan, magdan çykaryjy senagatyň paýnamalaryndan, döredijileriň paýnamalaryndan ýa-da peýda gatnaşmaga hukuk berýän bergi talaplary bolup durmaýan beýleki hukuklardan girdejini, şeýle hem peýdany paýlaýan kompaniýa öz dahyllysy bolan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda paýnamalardan girdejiler ýaly salgyt düzgünleşdirmesine degişli bolan beýleki korporatiw hukuklardan girdejini aňladýar.

4. Eger dewidendleriň hakyky eýesi Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, diwidendleri töleýän kompaniýa dahyllysy bolan beýleki Şertleşýän Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik wekilçiligiň üstünden amala aşyrýan ýa-da şol beýleki Döwletde garaşsyz şahsy hyzmatlary şol ýerde ýerleşýän we diwidendler tölenilýän holding (eýelik etmek) hakykatda şeýle hemişelik wekilçilige ýa-da şeýle hemişelik binýada degişli bolsa, şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji maddanyň ýa-da 14-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýa beýleki Şertleşýän Döwletden peýda ýa-da girdejileri alýan halatda şol Döwlet şol kompaniýa tarapyndan tölenilýän diwidendlerden islendik salgydy

alyp bilmeýär, şeýle diwidendleriň şol beýleki Döwletiň dahyllysyna tölenilýän halat ýa-da özi barada diwidendler tölenilýän holding (eýelik etmek) şol beýleki Döwletdäki hemişelik wekilçilige ýa-da hemişelik binýada hakykatda degişli bolan halatda hatda diwidendler şol beýleki Döwletde döreýän peýdadan ýa-da girdejiden doly ýa kem-käs tölenilýän, ýa-da paýlanylmadyk peýda olardan ybarat bolanda hem kompaniýanyň paýlanylmadyk peýdasyndan salgyt alyp bilmeýär.

## 11-nji madda
## GÖTERIMLER

1. Bir Şertleşýän Döwletde emele gelýän we beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenilýän göterimlere şol beýleki döwletde salgytlar salnyp bilner.

2. Emma şeýle göterimlere olaryň döreýän ýeri bolan Şertleşýän Döwletde we şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda hem salgytlar salnyp bilner, ýöne göterimleriň hakyky eýesi beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolsa, şeýle usulda alynýan salgyt göterimleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden köp bolmaly däl.

3. Şu maddanyň 2-nji bölümine garamazdan:

a) Türkmenistanda döreýän we Täjigistan Respublikasynyň Hökümetine ýa-da Täjigistanyň milli bankyna tölenilýän göterimler türkmen salgytlaryndan boşadylýar.

b) Täjigistan Respubliksynda döreýän we Türkmenistanyň Hökümetine ýa-da Türkmenistanyň Merkezi bankyna tölenilýän göterimler täjik salgytlaryndan boşadylýar.

4. «Göterimler» adalgasy şu maddada peýdalanylanda ipoteka üpjünçiligine hem-de bergidaryň peýdasyna gatnaşmak üçin hukuga eýelik etmäge garamazdan, islendik görnüşdäki bergi talabyndan girdejini we hususan-da, hökümetiň gymmatly kagyzlaryndan we obligasiýalaryndan ýa-da bergi borçnamalaryndan girdejini, şol sanda şol gymmatly kagyzlar, obligasiýalar ýa-da bergi borçnamalary boýunça baýraklary we utuşlary aňladýar. Tölegleriň wagtynda geçirilmänligi üçin jerimelere şu maddanyň maksatlary üçin göterimler hökmünde garalmaýar.

5. Eger göterimleriň hakyky eýesi bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, göterimleriň döreýän ýeri bolan beýleki

Şertleşýän Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan ýa-da şol beýleki Döwletde garaşsyz şahsy hyzmatlary şol ýerdäki hemişelik binýatdan edýän bolsa hem-de göterimleriň tölenilmegine esas bolan bergi talaby hakykatda şeýle hemişelik wekilçilige ýa-da şeýle hemişelik binýada degişli bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar.

6. Eger töleýji Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolsa, göterimler şol Döwletde döreýär diýlip hasap edilýär. Ýöne göterimleri töleýän tarap Şertleşýän Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine, Şertleşýän Döwletde göterimleriň tölenilmegine esas bolan berginiň emele gelmegine sebäp bolan hemişelik wekilçiliginiň ýa-da hemişelik binýadynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan hem-de şeýle göterimleri tölemek boýunça çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat çekýän bolsa, onda şeýle göterimler şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat ýerleşen Döwletde döreýär diýlip hasaplanylýar.

7. Eger göterimleri töleýjiniň we olaryň hakyky eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň we haýsydyr bir üçünji tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli tölenilmegine esas bolan bergi borçnamasyna degişli göterimleriň möçberi şeýle gatnaşyklar ýok mahaly göterimleriň töleýjisiniň we hakyky eýesiniň arasynda ylalaşyp bilinjek möçberinden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber barada ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artyk bölegi şu Konwensiýanyň beýleki düzgünlerini geregiçe hasaba almak bilen, her bir Şertleşýän Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga ozalkysy ýaly degişlidir.

**12-nji madda**
**ROÝALTILER**

1. Bir Şertleşýän Döwletde döreýän we beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenilýän roýaltilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Emma şeýle roýaltilere olaryň döreýän ýeri bolan Şertleşýän Döwletde we şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda hem salgyt salnyp bilner, ýöne alyjy roýaltileriň hakyky eýesi bolsa, onda şeýle halatda alynýan salgyt roýaltiniň umumy möçberiniň 10 göteriminden köp bolmaly däl.

3. «Poýaltiler» adalgasy şu maddada peýdalanylan mahaly edebiýat, sungat ýa-da ylym eserleri üçin, şol sanda kinematografiýa filmleri, ýa-da radio ýa telewizion ýaýlym üçin ýazgylar, ýa-da hemra, kabel, optika-süýüm ýaýlymy ýa-da köpçülikleýin ýaýlym üçin ulanylýan barabar tehnologiýa üçin, magnit lentalary, diskler ýa-da lazer diskleri (kompýuter programmalary) üçin islendik awtorlyk hukuklaryny peýdalanmak, ýa-da olary peýdalanmaga hukuk bermek üçin, islendik patent, söwda belgisi, dizaýn ýa-da ülňi, meýilnama, gizlin formulalar ýa-da amal üçin, ýa senagat, täjirçilik ýa-da ylmy enjamy peýdalanmak üçin, ýa-da peýdalanmaga hukugyň berilmegi üçin, ýa senagat, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli (nou-hau) maglumatlar üçin töleg hökmünde alynýan islendik görnüşdäki tölegi aňladýar.

4. Eger roýaltileriň hakyky eýesi bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolmak bilen telekeçilik işini roýaltileriň döreýän ýeri bolan beýleki Şertleşýän Döwletde şol ýerdäki hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan ýa-da şol beýleki Döwletde garaşsyz şahsy hyzmatlary şol ýerdäki hemişelik binýatdan edýän bolsa we roýaltileriň tölenilmegine esas bolan hukuk ýa-da emläk şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat bilen hakykatda bagly bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-ji maddanyň ýa-da 14-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Töleýji Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolanda, roýaltiler şol Döwletde döredi diýlip hasap edilýär. Eger roýaltileri töleýän tarap Şertleşýän Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine, Şertleşýän Döwletde roýaltileriň tölenilmegine esas bolan berginiň döremegi bilen bagly hemişelik wekilçiliginiň ýa-da hemişelik binýadynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan we şol roýaltileri tölemek boýunça çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat çekýän bolsa, roýaltiler hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat ýerleşýän Döwletde döreýär diýlip hasap edilýär.

6. Eger roýaltileriň töleýjisiniň we hakyky eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň hem-de haýsydyr bir üçünji tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli olaryň tölenilmegine esas bolan peýdalanmaga, hukuga ýa-da maglumata degişli möçberi şeýle gatnaşyklar ýok mahaly töleýji bilen hakyky eýesiniň arasynda

ylalaşyljak möçberden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber barada ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artyk bölegi şu Konwensiýanyň beýleki düzgünlerini geregiçe hasaba almak bilen, her bir Şertleşýän Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga ozalkysy ýaly degişlidir.

### 13-nji madda
### EMLÄGIŇ GYMMATYNYŇ ÖSÜŞI

1. Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň 6-njy maddada kesgitlenilen we beýleki Şertleşýän Döwletde bolýan gozgalmaýan emlägi aýrabaşgalamakdan alýan girdejilerine şol beýleki Döwletde salgytlar salnyp bilner.

2. Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletdäki hemişelik wekilçiliginiň täjirçilik emläginiň bir bölegi bolup durýan gozgalýan emlägi ýa-da garaşsyz şahsy hyzmatlary etmek üçin bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň ygtyýaryndaky hemişelik binýada degişli bolan we beýleki Şertleşýän Döwletde ýerleşen gozgalýan emlägi aýrybaşgalamakdan alnan girdejiler, şol sanda şeýle hemişelik wekilçiligi aýratynlykda ýa-da tutuş kärhana bilen bilelikde, ýa-da şeýle hemişelik binýady aýrabaşgalamakdan alynýan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

3. Halkara gatnatmalarynda işledilýän deňiz, howa, demir ýol we awtomobil ulag serişdelerini ýa-da şeýle ulag serişdelerini işletmäge degişli gozgalýan emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan girdejilere diňe kärhananyň hakyky ýolbaşçy edarasy ýerleşýän Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

4. Şu maddanyň 1-nji, 2-nji we 3-nji bölümlerinde gürrüňi edilenlerden başga islendik emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan girdejilere diňe emlägi aýrybaşgalaýan tarap dahyllysy bolan Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

### 14-nji madda
### GARAŞSYZ ŞAHSY HYZMATLAR

1. Bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň hünär hyzmatlaryny etmekden ýa-da garaşsyz häsiýetli başga bir işden alýan girdejisine diňe şol Döwletde salgyt salynýar, şeýle dahyllynyň öz işini amala aşyrmak maksady bilen, beýleki Şertleşýän Döwletde özüne yzygiderli elýeterli bolan hemişelik binýadynyň bolan halaty muňa

girmeýär. Onuň şeýle hemişelik binýady bolsa, girdejä beýleki Döwletde, ýöne onuň şol hemişelik binýada degişli bölegi babatda salgyt salnyp bilner.

2. «Hünär hyzmatlary» adalgasy, hususan-da, garaşsyz ylmy, edebi, artistlik, bilim ýa-da mugalymçylyk işini, şeýle hem lukmanlaryň, hukukşynaslaryň, inženerleriň, binagärleriň, stomatologlaryň, auditorlaryň we buhgalterleriň garaşsyz işini öz içine alýar.

**15-nji madda**
**GARAŞLY ŞAHSY HYZMATLAR**

1. Şu Konwensiýanyň 16-njy, 18-nji we 19-njy maddalarynyň düzgünlerini nazara almak bilen, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň hakyna tutmak boýunça iş bilen bagly alýan zähmet hakyny, iş hakyna we beýleki şunuň ýaly töleglerine diňe şol Döwletde salgyt salynýar, hakyna tutmak boýunça işiň beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrylýan halaty muňa girmeýär. Eger hakyna tutmak boýunça iş şeýle görnüşde amala aşyrylýan bolsa, şunuň bilen bagly alnan tölege şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine garamazdan, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrylýan hakynatutma işi bilen bagly alýan tölegine aşakda görkezilen halatlarda diňe birinji görkezilen Döwletde salgyt salynýar:

a) alyjy şol bir salgyt ýylynda başlanýan ýa-da tamamlanýan islendik on iki aýlyk döwürde jemi 183 günden geçmeýän döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda beýleki Döwletde bolsa we

b) töleg beýleki Döwletiň dahyllysy däl hakyna tutujy tarapyndan ýa-da hakyna tutujynyň adyndan tölenilýän bolsa we

ç) tölegleri tölemek boýunça çykdajylary hakyna tutujynyň beýleki Döwletdäki hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady çekmeýän bolsa.

3. Şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünlerine garamazdan, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisinde, demir ýol ýa-da awtomobil ulag serişdesinde amala aşyrylýan hakyna tutma iş boýunça alýan iş hakyna we beýleki şunuň ýaly töleglerine

kärhananyň hakyky ýolbaşçy edarasy ýerleşýän Şertleşýän Döwletde salgyt salnyp bilner.

**16-njy madda**
**DIREKTORLARYŇ GONORARLARY**

Direktorlaryň gonorarlaryna we bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýanyň direktorlar geňeşiniň agzasy hökmünde alýan beýleki şunuň ýaly tölegleri ne şol beýleki Döwletde salgytlar salnyp bilner.

**17-nji madda**
**ARTISTLER WE SPORTÇULAR**

1. Şu Konwensiýanyň 14-nji we 15-nji maddalarynyň düzgünlerine garamazdan, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň teatryň, kinonyň, radionyň ýa-da telewideniýäniň artisti, ýa-da sazanda, ýa sportçy ýaly sungat işgäri hökmünde özüniň beýleki Şertleşýän Döwletde amala aşyrylýan şahsy işinden alýan girdejisine şol beýleki Döwletde salgytlar salnyp bilner.

2. Eger sungat işgäriniň ýa-da sportçynyň şeýle işgär hökmünde amala aşyrýan şahsy işinden girdeji sungat işgäriniň ýa sportçynyň özüne däl-de, başga bir tarapa hasaplanylýan bolsa, şu Konwensiýanyň 7-nji, 14-nji we 15-nji maddalarynyň düzgünlerine garamazdan, şol girdejä sungat işgäriniň ýa sportçynyň işi amala aşyrylýan Şertleşýän Döwletde salgytlar salnyp bilner.

**18-nji madda**
**PENSIÝALAR**

Şu Konwensiýanyň 19-njy maddasynyň 2-nji bölüminiň düzgünlerini hasaba almak bilen, öň amala aşyrylan hakynatutma iş üçin Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenilýän pensiýalar we beýleki şunuň ýaly tölegler diňe şol Döwletde salgyt salmaga degişlidir.

**19-njy madda**
**DÖWLET GULLUGY**

1. a) Şertleşýän Döwletiň ýa-da onuň syýasy-edara ediş birliginiň, ýa ýerli häkimiýet edaralarynyň şahsy adama şol Döwlet, ýa-da onuň syýasy-edara ediş birligi, ýa ýerli häkimiýet edaralary üçin amala aşyrýan gullugy üçin tölenilýän pensiýadan başga iş hakyna,

hak-heşdege we beýleki şunuň ýaly töleglere diňe şol Döwletde salgyt salynýar;

b) ýöne şol Döwletde amala aşyrylýan we şahsy adam şol Döwletiň dahyllysy bolup:

(i) Şol Döwletiň milli tarapy bolsa, ýa-da

(ii) diňe şeýle gullugy amala aşyrmak maksady bilen, şol Döwletiň dahyllysy bolmadyk bolsa, şeýle iş hakyna, hak-heşdegine we beýleki şunuň ýaly töleglere diňe beýleki Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

2. a) Şertleşýän Döwlet ýa-da onuň syýasy-edara ediş birligi, ýa ýerli häkimiýet edarasy tarapyndan, ýa-da olaryň döreden gorlaryndan şol Döwlet, ýa-da onuň syýasy-edara ediş birligi, ýa ýerli häkimiýet edarasy üçin amala aşyrylýan gulluk üçin şahsy adama tölenilýän islendik pensiýa diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

b) ýöne şahsy adam beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysy we milli tarapy bolsa, şeýle pensiýa diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

3. Şu Konwensiýanyň 15-nji, 16-njy we 18-nji maddalarynyň düzgünleri Şertleşýän Döwlet ýa-da onuň syýasy-edara ediş birligi, ýa ýerli häkimiýet edarasy tarapyndan amala aşyrylýan telekeçilik işi bilen bagly amala aşyrylýan gulluk üçin iş haky, hak-heşdek we beýleki şunuň ýaly tölegler barada hem-de pensiýalar barada ulanylýar.

## 20-nji madda
## TALYPLAR

Bir Şertleşýän Döwlete gelmeginiň gös-göni öň ýanynda beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllylary bolup duryan ýa-da bolan hem-de birinji görkezilen Döwletde diňe okamak ýa-da bilim almak maksady bilen bolýan talyp ýa-da stažýor tarapyndan alynýan hem-de ýaşamak, okamak we bilim almak maksatlary üçin niýetlenilen tölegler şol Döwletiň çäklerinden daşardaky çeşmelerden döreýän şertde, olara şol Döwletde salgyt salynmaýar.

## 21-nji madda
## BEÝLEKI GIRDEJILER

1. Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň ähli girdejileri olaryň döremeginiň çeşmesine şu Konwensiýanyň ýokardaky maddalarynda

garalmaýandygyna garamazdan, diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri 6-njy maddanyň 2-nji bölüminde kesgitlenilen gozgalmaýan emläkden alynýanlardan başga girdejiler barada ulanylmaýar, şunda şeýle girdejileri alyjy bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, beýleki Şertleşýän Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan ýa-da şol beýleki Döwletde garaşsyz şahsy hyzmatlary şol ýerdäki hemişelik binýatdan edýän hem-de girdejiniň alynmagyna esas bolan hukuk, ýa-da emläk hakykatda şeýle hemişelik wekilçilik, ýa-da hemişelik binýat bilen hakykatda bagly bolan halatlar muňa girmeýär. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji ýa-da 14-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

### *4-nji bölüm*
### *Maýa salgyt salmak*

### 22-nji madda
### MAÝA

1. Şu Konwensiýanyň 6-njy maddasynda kesgitlenilişi ýaly, gozgalmaýan emläkden ybarat bolan, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň eýeçiligi bolup durýan hem-de beýleki Şertleşýän Döwletde bolan maýa şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletdäki hemişelik wekilçiliginiň täjirçilik emläginiň bir bölegi bolup durýan gozgalýan emläkden ýa-da bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň ugtyýarynda bolan hem-de garaşsyz şahsy hyzmatlary etmek üçin beýleki Şertleşýän Döwletde bolan gozgalýan emläkden ybarat bolan, hemişelik binýada degişli maýa şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

3. Halkara gatnatmalarynda işledilýän deňiz we howa gämilerinden, demir ýol we awtomobil ulag serişdelerinden hem-de şol deňiz we howa gämilerini, demir ýol ýa-da awtomobil ulag serişdelerini işletmäge degişli gozgalýan emläkden ybarat maýa diňe kärhananyň hakyky ýolbaşçy edarasy ýerleşýän Şertleşýän Döwletde salgyt salynýar.

4. Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň maýasynyň ähli beýleki böleklerine diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

## *5-nji bölüm*
## *Iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmagyň usullary*

### 23-nji madda
### IKI GEZEK SALGYT SALYNMAGYNY ARADAN AÝYRMAK

1. Eger Şertleşýän Döwletiň dahyllysy şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda beýleki Şertleşýän Döwletde salgyt salnyp bilinýän girdejini alýan ýa-da maýa eýelik edýän bolsa, birinji görkezilen Döwlet:

(i) şol beýleki Döwletde tölenilen girdeji üçin salgyda deň möçberi şol dahyllynyň girdeji üçin salgydyndan kemmäge;

(ii) şol beýleki Döwletde tölenilen maýa üçin salgyda deň möçberi şol dahyllynyň maýa üçin salgydyndan kemmäge ygtyýar berer.

Ýokarda görkezilen düzgünlere laýyklykda kemilýän salgydyň möçberi hut şeýle girdeji üçin birinji görkezilen Döwletde ulanylýan möçberler boýunça hasaplanylan salgytdan köp bolmaly däl.

2. Eger Şertleşýän Döwletiň dahyllysy şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda diňe beýleki Şertleşýän Döwletde salgyt salynýan girdejini alýan ýa-da maýa eýelik edýän bolsa, birinji görkezilen Döwlet şol girdejini ýa-da maýany salgyt salmagyň binýadyna goşup, ýöne diňe şol Döwletde salgyt salmaga degişli şeýle beýleki girdeji ýa-da maýa üçin salgydyň möçberini bellemek maksady bilen goşup biler.

3. Eger şu Konwensiýanyň islendik düzgünine laýyklykda, bir Şertleşýän Döwletiň dahyllysynyň alan girdejisi şol Döwletde salgytdan boşadylan bolsa, şol Döwlet şuňa garamazdan, şol dahyllynyň girdejisiniň ýa-da maýasynyň galan bölegi üçin salgydyň möçberi hasaplanan mahaly girdeji ýa-da maýa üçin salgytdan boşadylandygyny nazara alyp biler.

*6-njy bölüm*
*Ýörite düzgünler*

**24-nji madda**
**KEMSITMEZLIK**

1. Bir Şertleşýän Döwletiň milli taraplary beýleki Şertleşýän Döwletde şol beýleki Döwletiň milli taraplary barada hut şol bir ýagdaýlarda, hususan-da, dahyllylar babatda ulanylýan ýa-da ulanylyp bilinjek salgyt salmakdan ýa-da onuň bilen baglanyşykly borçnamalardan başga, ýa-da has agyr islendik salgyt salmak düzgünine ýa-da onuň bilen bagly borçnama sezewar edilmez. 1-nji maddanyň düzgünlerine garamazdan, bu düzgün Şertleşýän Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň-de dahyllylary bolup durmaýan taraplar barada hem ulanylýar.

2. Şertleşýän Döwletleriň dahyllylary bolup durýan raýatlygy ýok adamlar Şertleşýän Döwletleriň hiç birinde şol bir ýagdaýlarda, şol Döwletiň milli taraplary, hususan-da, dahyllylary babatda ulanylýan ýa-da ulanylyp bilinjek salgyt salmakdan ýa-da onuň bilen baglanyşykly borçnamalardan başga, ýa-da has agyr islendik salgyt salmak düzgünine ýa-da onuň bilen bagly borçnama sezewar edilmez.

3. Bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletdäki hemişelik wekilçiligine salgyt salmak düzgüni şol beýleki Döwletde onuň şonuň ýaly iş amala aşyrýan kärhanalary barada ulanylýandan has amatsyz düzgün bolmaly däl. Munuň özi bir Şertleşýän Döwleti beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllylaryna şol beýleki Döwletiň öz dahyllylaryna olaryň raýatlyk derejesi ýa-da maşgala borçlary esasynda salgyt salmak boýunça nähilidir bir şahsy ýeňillikleri, kemmekligi üpjün etmäge borçlandyrýan düzgün hökmünde düşündirilmeli däl.

4. Şu Konwensiýanyň 9-njy maddasynyň 1-nji bölümi, 11-nji maddasynyň 7-nji bölümi ýa-da 12-nji maddasynyň 6-njy bölümi ulanylýandan başga halatlarda bir Şertleşýän Döwletiň kärhanasy tarapyndan beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna tölenilýän göterimler, roýaltiler we beýleki tölegler şeýle kärhananyň salgyt salynýan peýdasyny kesgitlemek maksady bilen, olar birinji görkezilen Döwletiň dahyllysyna tölenilendäki ýaly hut şol şertlerde kemilmäge degişli bolmaly. Hut şunuň ýaly-da, bir Şertleşýän

Döwletiň kärhanasynyň beýleki Şertleşýän Döwletiň dahyllysyna islendik bergisi şol kärhananyň salgyt salynýan maýasyny kesgitlemek maksady bilen, birinji görkezilen Döwletiň dahyllysynyň bergisi babatdaky ýaly hut şol şertlerde kemilmäge degişlidir.

5. Bir Şertleşýän Döwletiň maýasy dolulygyna ýa-da kem-käs beýleki Şertleşýän Döwletiň bir ýa birnäçe dahyllysyna degişli, ýa-da bir ýa-da birnäçe dahyllysy tarapyndan göni ýa keseleýin gözegçilik edilýän kärhanasy birinji görkezilen Döwletde onuň beýleki şunuň ýaly kärhanalary barada ulanylýan ýa-da ulanylyp bilinjek salgyt salmak düzgüninden we onuň bilen baglanyşykly borçnamalardan başga ýa has agyr islendik salgyt salmak düzgünine ýa-da onuň bilen baglanyşykly islendik borçnama sezewar edilmeli däl.

6. Şu Konwensiýanyň 2-nji maddasyna garamazdan, şu maddanyň düzgünleri islendik kysymdaky we görnüşdäki salgytlar barada ulanylýar.

## 25-nji madda
## ÖZARA YLALAŞMAK AMALY

1. Eger tarap Şertleşýän Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň-de hereketleri şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgyt salmaga eltýär ýa-da elter diýip hasap edýän bolsa, ol öz işini şol Döwletleriň milli kanunçylygynda göz öňünde tutulan gorag serişdelerine garamazdan, öz işini özi dahyllysy bolup durýan Şertleşýän Döwletiň ýa-da öz ýagdaýy 24-nji maddanyň 1-nji bölüminiň täsirine düşýän bolsa, onda milli tarapy bolan Döwletiň ygtyýarly edaralaryna garamak üçin berip biler. Arza şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgyt salmak düzgünine eltýän hereketler hakyndaky birinji habarnamanyň pursadyndan üç ýylyň dowamynda berilmeli.

2. Eger ygtyýarly edara arzany esasly hasap etse hem-de özi kanagatlanarly çözgüde gelmäge ukyply bolmasa, ol şu Konwensiýa laýyk gelmeýän salgyt salmak düzgüniniň öňüni almak maksady bilen, meseläni beýleki Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasy bilen özara ylalaşmak boýunça çözmäge çalşar. Islendik gazanylan şertleşik Şertleşýän Döwletleriň milli kanunçylyklarynda bar bolan nähilidir bir wagtlaýyn çäklendirmelere garamazdan ýerine ýetiriler.

3. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Konwensiýa düşündirilen ýa-da ulanylan mahaly döreýän meseleleri özara ylalaşmak boýunça çözmäge çalşar. Olar şu Konwensiýada göz öňünde tutulmadyk halatlarda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak üçin birek-birek bilen pikir alşyp hem biler.

4. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary ýokarky bölümlere düşünişmekde ylalaşmagy gazanmak maksady bilen, birek-birek bilen göni gatnaşyklary ýola goýup, şol sanda bilelikdäki toparlary döredip biler, şol ygtyýarly edaralaryň özi ýa-da olaryň wekilleri şol toparlaryň agzalary bolup biler.

## 26-njy madda
## MAGLUMATLARY ALYŞMAK

1. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Konwensiýanyň düzgünlerini ýa-da salgyt salmak Konwensiýa ters gelýänçä, Şertleşýän Döwletleriň ýa-da olaryň syýasy-edara ediş birlikleriniň ýa ýerli häkimiýet edaralarynyň adyndan alynýan islendik görnüşdäki we kysymdaky salgytlara degişli milli kanunçylyklaryny ýerine ýetirmek üçin zerur maglumatlary alşar. Maglyumatlary alyşmak 1-nji we 2-nji maddalar bilen çäklenmeýär. Şertleşýän Döwlet tarapyndan alnan islendik maglumat şol Döwletiň milli kanunçylygynyň çäklerinde alnan maglumatyň hem bolşy ýaly, aýan edilmesiz hasaplanylýar we diňe birinji sözlemde görkezilen salgytlary kesgitlemek ýa-da toplamak, mejbury töletdirmek ýa-da kazyýet arkaly yzarlamak ýa-da nägileliklere garamak bilen meşgullanýan taraplara ýa-da edaralara, şol sanda kazyýetlere we administratiw organlara habar berilýär. Ýokarda görkezilen taraplar ýa-da edaralar şol maglumatlary diňe şu maksatlar üçin peýdalanýar. Olar şol maglumatlary açyk kazyýet mejlisiniň barşynda ýa-da kazyýet çözgütleri kabul edilen mahaly aýan edip biler.

2. Hiç bir halatda şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri Şertleşýän Döwletleriň üstüne aşakda görkezilen borçlary ýükleýän hökmünde düşündirilmeli däl:

a) ol ýa-da beýleki Şertleşýän Döwletiň kanunçylygyna ýa-da edara ediş tejribesine ters gelýän edara ediş çärelerini geçirmäge;

b) ol ýa-da beýleki Şertleşýän Döwletiň kanunçylygy boýunça ýa-da adaty edara ediş tejribesiniň barşynda alyp bolmaýan maglumatlary bermäge;

ç) haýsydyr bir söwda, telekeçilik, senagat, täjirçilik ýa-da hünär syryny, ýa söwda amalyny, ýa-da aýan edilmegi döwlet syýasatyna ters gelýän maglumaty aýan edýän habarlary bermäge.

## 27-nji madda
## SALGYTLARY ÝYGNAMAKDA KÖMEK ETMEK

1. Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralary salgytlary göterimler, şeýle salgytlara degişli, şu maddada «girdeji talaby» diýlip atlandyrylýan harajatlar we raýat jerimeleri bilen bilelikde toplamakda birek-birege kömek bermäge borçlanýar.

2. Girdeji talabyny toplamakda Şertleşýän Döwletleriň ygtyýarly edaralarynyň kömek bermegi baradaky haýyşlar şeýle edaranyň şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda girdeji talabynyň gutarnykly bellenilendigi hakyndaky tassyklamany öz içine alýar. Eger Şertleşýän Döwletiň öz milli kanunçylygyna laýyklykda girdeji talabyny toplamaga hukugy bar bolsa we salgyt töleýjiniň şeýle toplamany mundan beýläk bökdemek üçin hukuklary ýok bolsa, şu maddanyň maksatlary bilen, girdeji talaby gutarnykly bellenilen bolup durýar.

3. Şertleşýän Döwletiň beýleki Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasy tarapyndan toplamak üçin kabul edilen girdeji talaby beýleki Döwlet tarapyndan onuň salgytlaryny toplamaga degişli kanunlarynyň düzgünlerine laýyklykda gutarnykly bellenilen şeýle talap şol Döwletiň girdeji talaby bolandaky ýaly toplanylýar.

4. Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasy tarapyndan şu madda laýyklykda toplanylan salgytlaryň möçberi beýleki Şertleşýän Döwletiň ygtyýarly edarasyna gönükdirilýär. Salgytlary toplamakda kömek bermek bilen bagly çekilen çykdajylary birinji görkezilen Döwlet töleýär, ähli adatdan daşary çykdajylary bolsa beýleki Döwlet öz üstüne alýar.

5. Eger salgyt talaby salgyt töleýjiniň Şertleşýän Döwletleriň biriniň ýa-da beýlekisiniň dahyllysy bolmadyk döwrüne degişli bolsa, şu madda laýyklykda Şertleşýän Döwlete salgytlary toplamakda kömek berilmeýär.

6. Şu Konwensiýanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerine garamazdan, şu maddanyň düzgünleri gümrük ýygymlaryndan we paçlaryndan başga islendik kysymdaky we görnüşdäki salgytlar barada ulanylýar.

7. Şu maddada hiç bir zat öz salgytlaryny ýa-da öz döwlet syýasatyna ters gelýän salgytlary toplamakda ulanylýanlardan tapawutlanýan häsiýetli edara ediş çärelerini görmek hakyndaky borçnamalary islendik Şertleşýän Döwletiň boýnuna dakmak hökmünde düşündirilmeýär.

**28-nji madda**

**DIPLOMATIK WEKILÇILIKLERIŇ WE KONSULLYK GULLUKLARYŇ IŞGÄRLERI**

Şu Konwensiýanyň hiç bir düzgünleri diplomatik wekilçilikleriň ýa-da konsullyk gulluklaryň işgärleriniň halkara hukugynyň umumy kadalary arkaly ýa-da ýörite ylalaşyklar esasynda berlen salgytlar babatdaky artykmaçlyklaryna täsir etmeýär.

***7-nji bölüm***

***Jemleýji düzgünler***

**29-njy madda**

**ÜÝTGETMELERI WE GOŞMAÇALARY GIRIZMEGIŇ TERTIBI**

Şertleşýän Döwletleriň özara ylalaşmagy boýunça şu Konwensiýa onuň aýrylmaz bölegi bolup durýan hem-de şu Konwensiýanyň 30-njy maddasyna laýyklykda güýje girýän aýratyn teswirnamalar arkaly resmileşdirilen üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip bilner.

**30-njy madda**

**GÜÝJE GIRMEGI**

Şu Konwensiýa Şertleşýän Döwletleriň onuň güýje girmegi üçin zerur içerki döwlet amallaryny ýerine ýetirendigi hakyndaky soňky habarnama alnan seneden güýje girýär we onuň düzgünleri:

a) çeşmesinden alynýan salgytlar babatda Konwensiýa güýje giren ýyldakydan soňraky senenama ýylynyň Türkmenbaşy (ýanwar) aýynyň 1-inden başlap ýa-da 1-inden soň tölenilýän girdejileriň möçberleri babatda;

b) girdejiler üçin we maýa üçin beýleki salgytlar babatda Konwensiýa güýje giren ýyldakydan soňraky senenama ýylynyň Türkmenbaşy (ýanwar) aýynyň 1-inden başlap ýa-da 1-inden soň başlanýan islendik salgyt ýyly üçin tölenilmäge degişli möçberleri babatda ulanylýar.

**31-nji madda**
**HEREKETINIŇ BES EDILMEGI**

Şu Konwensiýa Şertleşýän Döwletleriň biri onuň hereketini bes edýänçä güýjüni saklaýar. Her bir Şertleşýän Döwlet Konwensiýanyň hereketini bes edýändigi hakynda Konwensiýa güýje giren seneden başlap, bäş ýyllyk döwürden soňraky islendik kalendar ýyly tamamlanýança azyndan alty aý galanda diplomatik ýollar arkaly ýazmaça habar berip Konwensiýanyň hereketini bes edip biler. Şeýle halatda Konwensiýa öz hereketini:

a) çeşmesinden alynýan salgytlar babatda hereketini bes etmek hakyndaky habarnama berlenden soňky ýylyň Türkmenbaşy (ýanwar) aýynyň 1-inden başlap ýa-da 1-inden soň tölenilýän girdejileriň möçberleri babatda; we

b) girdejiler üçin we maýa üçin beýleki salgytlar babatda hereketiniň bes edilmegi hakyndaky habarnama berlenden soňky ýylyň Türkmenbaşy (ýanwar) aýynyň 1-inden ýa-da 1-inden soň başlanýan salgyt salynýan döwür üçin bes edýär.

Aşgabat şäherinde 2007-nji ýylyň Türkmenbaşy (ýanwar) aýynyň 8-inde her biri türkmen, täjik we rus dillerinde iki asyl nusgada AMAL EDILDI, özi-de ähli nusgalaryň bir meňzeş güýji bar. Şu Konwensiýanyň düzgünlerini düşündirmekde çaprazlyklar dörän halatda rus dilindäki nusga esas hökmünde kabul ediler.

| | |
|---|---|
| **TÜRKMENISTANYŇ ADYNDAN** | **TÄJIGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ADYNDAN** |

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ DIWANY * Protokol bölümçesi

KONWENSIÝA 16.04.2008 ÝYLDA GÜÝJE GIRDI